# Kitap okamak zyýanlymy?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kitap okamak zyýanlymy? KITAP OKAMAK ZYÝANLYMY?



*Surat: Kitap okaýan gyz. Pýer-August Renuar. 1900-njy ýyl*

1762-nji ýylyň fewral agşamy Katerina Hanter atly ýaşajyk gyz Londonda bir çärede Genri Gerbert atly lord bilen tanyşdyrylýar. Lord 27 ýaşynda, öýlenen we iki çagaň kakasy eken. Şol agşam lord “dostlarym bilen oturjak” bahanasy bilen aýalyny öýüne iberýär. Ýöne, aslynda gijäni Kitti bilen geçirýär.

Katerina bilen Lord ertesi güni Gollandiýa gaçyp gidýärler. Bir-iki aý geçensoň lord aýaly bilen ýaraşyp maşgalasynyň ýanyna dolanyp gelýär. Kitti bolsa göwreli ýagdaýda sosial meseleler bilen boguşmaly bolýar.

Bu bolan wakanyň hekaýasy Gorasiý Walpola degişli. Walpolyň gürrüň bermegine görä Katerinanyň ýaş başyna garamazdan özünden birnäçe ýaş uly maşgalaly erkek bilen gaçyp gitmegine sebäp bolan zat kitap. Hawa, kitap.

Katerinanyň köp kitap okaýarmyş we kitaplar Katerinanyň kellesini üýtgedenmiş. Ýeňil-aýaklygyna kitaplar sebäp bolanmyş.

Walpole bu pikirlerini häzirki döwür aýdan bolsady, mümkin onuň üstünden gülerdik. Sebäbi bugün kitap okamak intellektual we örän abraýly pişe hasaplanýar. Kino görmek, aýdym diňlemek we hat-da teatra gitmek hem adamlaryň gözünde kitap ýaly elit pişeler däl.

Ýöne Walpole-yň ýaşan döwründe, ýagny XVIII-XIX asyrlarda kitaplara hakykatdan hem zyýanly zat ýaly garalýan eken. Esasanam gyzlar. “Eger bir gyz, islendik bir gyz kitabyň gatyny açan bolsa, ol eýýäm ýeňil gyzdyr”. Bu pikir ýönekeý bir adamyň pikiri däl. Köpçülik tarapyndan sylanýan Žan-Žak Russonyň pikiri.

Nämüçin beýle garaýardylar? Sebäbi kitaplar gaty köp okalýardy. Gaty köp. Edil bugüniň telefon oýunlary ýaly. Kitap adamlary özüne baglaýardy. Işlerinden alyp goýýardy. We köplenç hem olaryň temasy pynhan gatnaşyklar barada bolansoň “Ahlaksyzlyga ýol açýan” serişde ýaly görülýärdi. Antoni Komstok diýlen adamyň pikiriçe, “kitaplar küntiçiligiň çeşmesi”. Bu adam ömrüniň dowamynda 15 tonnadan gowrak kitaby ýok edenligi bilen meşhur.



* * *
Häzir kitaba erbet diýýän ýok. Hatda erotiki kitaplar hem üýtgeşik senzura sezewar bolanok. Nirä seretseň kitap “Ylymyň çeşmesi, ahlagyň nemesi, paýhasyň bir zatlary”. Belki biziň aýdýanymyz dogrudyr. Belki-de geçen döwürlerde ýaşanlar mamladyr. Belki-de hemmeleriňkem dogrydyr, öz ýerinde.?
Esasy zat kitaby belli bir maksat üçin däl-de, zerurlyk duýýan bolsaň okamakmyka diýýän. Mysal üçin öwrenmek, ýa-da hekaýa bolan zerurlygyňy gandyrmak.
Gözýetim, akyl, pikir ýaly peýdalar üçin okalsa maksada ýetirer öýdemok.

@ Ortanjy, WordPress, 06.06.2020 ý.

# Internetden alyndy. Edebi makalalar